***Düýn – 9-njy dekabrda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky şahamçasynyň açylyş dabarasy boldy.***

Türkmenistanyň Döwlet senasynyň astynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Döwlet tugy belende galdyryldy. Soňra «Aýterek—Günterek» sazy belentden ýaňlanyp, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň baýdagy ýokary göterildi. Gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa gutlag sözi bilen çykyş edip, şahamçany açdy.

Täze şahamçanyň açylyş dabarasynyň «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek» atly halkara maslahatyň işi bilen utgaşyklykda bolup geçmegi oňa gatnaşan daşary ýurtly zenanlara ýatdan çykmajak ýakymly pursatlary bagyş etdi.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены